# ÝAHÝANYŇ ÜÇÜNJI HATY

*Öwgüler we öwütler*

1 Meniň hakykatda söýýän söýgüli doganym Gaýusa ýaşuludan
salam! 2 Eý, söýgüli doganym, janyň üstünlikli bolşy ýaly, seniň hem-
me zatda üstünlik gazanyp, saglykda bolmagyň üçin doga edýärin.
3 Çünki käbir doganlar gelip, seniň hakykatda gezişiň ýaly, hakykata
baglydygyňa güwä geçenlerinde, men gaty şat boldum. 4 Meniň og-
lanlarymyň hakykatda gezýändiklerini eşitmekden uly şatlygym ýok.
5 Eý, söýgüli doganym, sen ýat hem bolsalar, doganlara edýän
ähli zatlaryňda sadyksyň. 6 Olar ýygnagyň huzurynda seniň söýgiň
barada güwä geçdiler. Olary Hudaýa mynasyp tärde ýola salsaň,
ýagşy edersiň. 7 Çünki olar iman etmediklerden hiç bir zat alman,
Isanyň adynyň hatyrasyna ýola çykdylar. 8 Biz hakykat ugrunda iş-
deş bolar ýaly, şeýle adamlary kabul etmäge borçludyrys. 9 Men
ýygnaga ýazdym, ýöne olaryň arasynda başlyk bolmagy söýýän Di-
otrefis bizi kabul etmeýär. 10 Munuň üstesine, ol doganlary-da kabul
etmeýär, muny etjek bolýanlara hem päsgel berip, olary ýygnakdan
kowýar. Şoňa görä-de, eger baraýsam, bize erbet sözler aýdyp,
eden işlerini ýadyna salaryn.
11 Eý, söýgüli doganym, erbede däl, ýagşa öýkün. Ýagşylyk ed-
ýän Hudaýdandyr, erbetlik edýän Hudaýy gören däldir. 12 Dimitri-
osa hemmeler, hakykatyň özi güwä geçýär. Biz hem güwä geçýä-
ris; güwäligimiziň hakdygyny bolsa sen bilýänsiň. 13 Saňa ýazmaly
köp zatlarym bar, ýöne syýa, galam bilen ýazasym gelenok. 14 Seni
basymrak görüp, ýüzbe-ýüz gürleşeris diýen umydym bar. 15 Saňa
parahatlyk bolsun! Dostlar saňa salam aýdýarlar. Ol ýerdäki dost-
lara atma-at salam ýetir. Omyn.

© Mukaddes Kitap Terjime Instituty, 2005